# Bäbek gandary

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bäbek gandary BÄBEK GANDARY

SSSR 1989-njy ýylda çagşamaga başlady. Sowet döwründe özygtyýarly bolanam bolsalar, garaşsyz bolup bilmedik Azerbaýjan we Ermenistan döwletleri garaşsyzlygyny yglan etdiler.
Sowet döwründe ermeniler we azeriler birnäçe ýerde birek-birek bilen garym-gatym bolup ýaşaýardylar. Azerbaýjanda ermenileriñ, Ermenistanda-da azerileriñ köpçülikleýin ýaşaýan raýonlary bardy. Şolar ýaly derejede garym-gatym bolup ýaşadylar: 1989-njy ýylda Bakuda 180 müñ ermeni ýaşaýan eken. Sowet soýuzynyñ dargamagy bilen birlikde bu «köpmilletli» düzgün bozuldy. Etniki arassalaýyş çärelerini geçirdiler. Elbetde, ýer dawalary ýüze çykdy. Ermenistan Garabagy Russiýanyñ “beýtme” diýendigine garamazdan, 1989-njy ýylda okkupirledi. Munuñ bilenem çäklenmedi, Azerbaýjanyñ ýerleriniñ bir bölegini basyp aldy. BMG-nyñ «okkupasiýany bes ediñ, basyp alan ýerleriñizi Azerbaýjana gaýdyp beriñ» çagyryşyna garamazdan, basybalyjylykly syýasatyny häzire çenli dowam etdirdi. Geçen otuz ýylda nebit tütjary we 10 million ilatly Azerbaýjan Ýaragly Güýçlerini kämilleşdirdi. Basylyp alnan ýerlerini gaýdyp almak üçin 3 million ilatly Ermenistana garşy harby hereket başlatdy. Ýerleriniñ bir bölegini eýýämden yzyna gaýdyp almagy başardy.

## ■ ÝARAŞYK DUŞMAN BILEN BAGLAŞYLÝAR

Ysraýylly syýasatçy Şimon Peres jöhitler bilen palestinaly araplaryñ ýaraşygyny isleýärdi. Ysraýylyñ içindäki Peresiñ garşydaşlary ony «Duşman bilen ýaraşyk baglaşmaga synanyşmakda» aýypladylar. Peres «Ýaraşyk – dost bilen däl-de, duşman bilen baglaşylýar» (**You make peace with your enemy, not with your friends**) diýip, taryha geçen sözleri bilen jogap

berdi. Her bir uruş hernäçe uzak dowam etse-de, soňy ýaraşyk bilen gutarýar. Ýaraşyk – deňme-deň tamamlandygy manysyny aňlatmaýar. Ha içerki uruş bolsun, ha daşarky uruş, her bir urşuň hökman bir ýeňijisi, birem ýeňileni bolýar. Emma ahyrynda taraplar haýsy bolanda-da, bilelikde agzybir ýaşaşmagy makul bilýärler. Hatda käbir ezeli basdaşlar Fransiýa bilen Germaniýa ýaly el-ele berip, Ýewropa bileleşigi ýaly bileleşigem gurup bilýärler. Uruş hernäçe esasly bolsa bolsun, netijesi erbetdir. «Uruşda başa-baş garpyşyk bolmaýar, başly-barat çaknyşyklar bolýar». Bu çaknyşyklarda atylan bombalar bolsa, isleseň-islemeseň bäbekleriňem ganyna galyp bilýär. Hiç bir tarap garşydaş tarapa «bäbek gandary» diýip bilmez. Çünki, bu gutulgysyzdyr. Uruş – stadionyň içinde esgerleriň oýnaýan, ýönekeý ilatyňam tribunalardan tomaşa edýän harby oýuny däldir. Uruşda wepat bolýan esgerlerem adam, olaram bir enäniň we atanyň göz guwanjy, balasy. Diňe ýönekeý ilat däl.

## ■ ÖJÜKDIRIJI JÜMLELERDEN GAÇA DURMAK GEREK

Uruş – ýaşaýşyň bir bölegidir. Dünýä döräli bäri adamlar urşup-çapyşyp gelýärler. Dünýä döräli bäri adamlar ýaraşyp gelýärler. Urşaňda ýaraşygy, ýaraşaňda-da uruşy ýatdan çykarmaly däl. Azerbaýjanda türki gandan gelýän adamlar ýaşaýar. Eýranyň ilatynyň agramly bölegi-de asly türki şejereden gelýär. Gepiň keltesi, hemmämiz bir bitewi türki halk. Olar biziň ganybir doganlarymyzdyr. Emma ermenilerem bize ýat millet däl, olaram biziň jana-jan garyndaşlarymyzdyr. Aramyza pitne-pesat sokulýança, müň ýyldan gowrak wagt bu topraklarda bilelikde ýaşadyk.
Azerbaýjan-Ermenistan urşy döwründe habar beriş serişdelerimizde çykan «Bäbek gandary – ermeniler» rubrikasy meni diýseň ynjalykdan gaçyrdy. Bu aýyplama jümlesi mundan öňem ulanylanda-da geňirgenipdim. Bu şekilde aýyplanan kişiler bilen hut AKP hökümetiniň özi ýaraşyk gepleşiklerini geçirdi. Ýüzbe-ýüz geldiler. Gynansak-da, bu oňlanylmaly proses PKK tarapyndan bulaşdyrylandygy zerarly şowuna bolmady. Ýönr belli

bir derejede ýaraşyk üçinem oňaýly şertler döredi. Hernä, «bäbek gandary» sözü-de ýitdi. Enşalla, ermeniler we azerilerem gysga wagtyň dowamynda ýaraşarlar.

Jemleýji söz: **Öldür, ýöne kemsitme!**

Ege JANSEN.

«SÖZCÜ» gazeti, 23.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika